THE ASHGABAT TIMES

# Ýaşlar ýygyndylarynyň arasyndaky futbol boýunça Aziýanyň kubogynyň saýlama tapgyrynyň bijeleri çekildi

2024-nji ýylyň 13-nji iýunynda Malaýziýanyň Kuala-Lumpur şäherinde geljek 2025-nji ýylda Hytaýda geçiriljek 20 ýaşa çenli ýaşlar ýygyndylarynyň arasyndaky futbol boýunça Aziýanyň kubogynyň saýlama tapgyrynyň bijeleri çekildi.

Türkmenistanyň ýigrimi ýaşa çenli ýaşlar ýygyndysy bije çekişligiň netijesinde «I» toparça wekilçilik etdi. Türkmen futbolçylary bu toparçada Ýaponiýanyň, Gyrgyz Respublikasynyň (ýer eýeleri) we Mýanmanyň ýygyndylary bilen duşuşar.

Toparçanyň duşuşyklary şu ýylyň 21 — 29-njy sentýabry aralygynda Täjigistanyň Bişkek şäherinde geçiriler.

Sebit çempionatynyň final bölegi bolsa geljek ýylyň 6 — 23-nji fewraly aralygynda Hytaýda bolar. Oňa saýlama tapgyrdaky 10 toparçanyň ýeňijisi we ikinji orny eýelän ýygyndylaryň iň ýokary netije görkezen bäşisi gatnaşyp biler.

«A» toparça: Wýetnam (ýer eýesi), Siriýa, Bangladeş, Butan, Guam;

«B» toparça: Özbegistan, Bahreýn, Taýwan (ýer eýesi), Kamboja, Nepal;

«C» toparça: Koreýa Respublkasy, Liwan, BAE, Kuweýt (ýer eýesi), Demirgazyk Marian adalary;

«D» toparça: Awstraliýa, Saud Arabystany (ýer eýesi), Palestina, Owganystan, Makao;

«E» toparça: Täjigistan (ýer eýesi), Oman, Malaýziýa, Şri-Lanka, KHDR;

«F» toparça: Indoneziýa (ýer eýesi), Ýemen, Timor-Leşti, Maldiwler;

«G» toparça: Eýran, Mongoliýa, Hindistan, Laos (ýer eýesi);

«H» toparça: Yrak, Taýland (ýer eýesi), Filippinler, Bruneý;

«I» toparça: Ýaponiýa, Gyrgyzystan (ýer eýesi), Mýanma, Türkmenistan;

«J» toparça: Iordaniýa, Katar (ýer eýesi), Singapur, Gonkong, Hytaý.

Все права защищены

22.11.2024